# Söwda / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Söwda / hekaýa SÖWDA

Köne bazaryň bir çetinde, lagar düşen garry ýaby ýaly irkilip duran köneje maşynyň daşynda aýlanýan ýaşuly bilen ýaş ýigidiň töwerekdäki erewde-berewlikden habary ýoga meňzeş. Ýigit öňde, ýaşuly yzynda. Ýigit käte maşynyň o ýer – bu ýerine dürtüp, tigirlerini gezek-gezegine depişdirip görýär, ýaşulam elindäki letdejigi bilen onuň dürtenu-depen ýerlerini süpürişdirip barýar.
– Ýaşuly, maşyn-a özüň bilen ýaşytdaşrak bar öýdýän.
– Äü, nätdiň-aý, inim, maşyn-a ýetmiş ýediňki. Brežnip döwrüniň maşyny, men bolsam Ýežop döwründe doglan adam.
– Ýo-o, men garrapdyr diýjek bolýan.
– Garramajak barmy, inim. «Ölmeseň – garrarsyň» diýmänmi. Şu janawaryň eden işini etseň, gören görgüsini görseň, senem garrarsyň, inim.
– Menem şony diýjek bolýan-da. Boljagy bolup, boýasy synypdyr munuň. Şuňa-da pylança müň diýip oturşyňa geň galýan.
– Ä sen soraber, inim. Bazardyr bi, söwdadyr, gaýt-düşi beýlekisi bolar-a. Onsoňam, inim, pylança müň diýeniň näme, kagyzdyr-da. Bu janawar bolsa demir, diňe özi däl – jany demirden, jany. Beren puluňy entek aňryýany bilen ödeýä bu. Sen köne zatlar bilen oýun etme. Adamlaryň arassa, hököwmediň hököwmet wagty ýasalan zatlardyr bu. Berkdir, janyň ujudyr. Ana, öýüňe eltip, çagajyklaň bilen münüp ugrarsyň welin, şonda özüň aýdarsyň meniň aýdýanlarymy. Onsoňam, maşyn alsaň, ilki könesini algyn, köneden başlagyn. Bu bir baş öwredilen maldyr. Diýeniňden çykmaz. Birden, adamçylykdyr, o ýer – bu ýerini bir zada degräýseňem, gaty bir gyýlyp durmaz ýaly. Onsoňam, bi döwrüň çaýkanyp durşuny görýäň-ä, täze maşyn alyp, bir ýerde goýar ýalymy. Ynha, muň ýaly köne janawara bolsa ogry-jümriňem kän göz gyzdyryp durmaz.
– Ogryň almajak zadyny indi men alaýynmy?

– Äü, sen-ä inim. Derrew ters tarapyndan tutýaň-aý. Seniň boýnuňdan deşip asýan barmy…
– Gaharyň gelmesin-how, agam. Özüň aýtdyň-a, söwda diýip. Men ters gürrüň etjek bolamok-da, şeýle gowy zat bolsa, satmazdyň diýjek boldum.
– A-haw, meniň mundan irip-bezigen ýa bir ýamanlyk gören ýerim ýok. Nalaçlykdan satýan, inim, mätäçlikden satýan şuny. Dogmamyzy öýerjek bolýan. Karz-kowal edeýin diýsemem, ite bir sümek bergim bar. Biri «Salawmaleýkim!» diýse, algysyny sorajakdyr öýdüp, gypajaklap durun.
– Elbetde, bergini beren ýagşy. Ýöne bergi etmeseň, ol ondanam ýagşy.
– Äl, şoňa düşünmändiris-dä, inim. Düşünen bolsak, öýlenmezdimem, öýermezdigem, on iki sany açyk agzyň öňünde beýdip sazanaklap durmazdygam. Maşynam özümiz münerdik.
– Anha, menem şony diýýän-dä. On iki diýýäň welin, çagamydyr onyň, agam? Şonça çagaň bamydy?
– Bar-ow, hudaýa şükür.
– Eý, oň biri – ikisi bolanda bolmaýamy?
– Bolýan däldir-dä. Äý, şu heleýden-dä. Haçan görseň, hamyla. Birini süýtden aýyrýa welin, «A-how, heleý, bizem indi ystop diýsek nädýä, senem şol illeň aýalynyň goýdurýan zadyndan goýdursaň nädýä?» diýsem, şeýdip agzyny tutýa-da «Wiý, giç-dä eýýäm» diýen bolýar. Menem näme, «Aý, onda indiki gezek. Perýot, heleý!» diýýän. Şeýdip, «perýot» bola-bola, on-on ikä ýetäýipdir içigar.
– Hym-m, öz-ä köpräjik eken. Aý, näme, agam, özüň ýaly ýaşulular-a «Hudaý ýetirer» diýäýýä. «Her çagany berende, Allatagala rysgaly bilen bile berermiş» diýýäler. Berer-le. Berer diýäýeliň.
– Bile berýändir-le. Ýöne orta ýolda tutup galýarlarmy – nämemi, garaz, bize-hä zat gelenok. Äý, ýöne, toba-toba, hudaý bilen aralykda ýekeje hököwmedimiz bar, oňa-da müňkürlik etseň, günämişdik. Kimden görjegiňem bilip bolanok.
Ýigit ýylgyrdy-da, birdenem gözüni gypyp goýberdi:
– Agam, dogrujaňy aýt hany, şuňa gelnejemden başga adamam mündürip gördüňmi ýa…

Ýaşuly ilki öz ýeňsesini, soň gulagynyň ýeňsesini gaşady, soňra süýem barmagy bilen iki gaşynyň aralygyny owkalaşdyrdy. Şeýdip, şol ýerlerdäki ownukly-irili ýatlamalaryň böwrüni gyjykladymy-nätdimi…
– E-eý, inim! Bu maşyna münen adamlary ýatlajak bolsaň, durşuna muzeý edip goýaýmalydyr bu janawary. Tigirli muzeý. Tigirli gala diýen ýaly, hä?! Howwa, onsoň bir gezek Kerim şahyry getirdim şunda, özüm öýe çagyryp getirdim. Anha, şol yzky oturgyjyň sag tarapy bar-a, maşynyň içinde iň howpsuz ýerdir şol,anha, şo ýerde oturdyp getirdim. Äl, öz-ä üýtgeşik adam eken-ow. Hem gülýär, hem güldürýär. «Pylany gardaş diýýä: Munyň-a tüýs ýaşy ýetipdir diýýä. Asyl, gyz alyp gaçybermeli munyňda» diýýär. Menem hem gülüp, hem sürüp barýan. Gözümem ýolda. Kiçijik bir çukurjyk görsem, şe-e-ýdip, ýuwaşjadan sowlup geçýän. Bu janawaram bar-a eger-eger, ýeke ýerde siltemedem, çaýkamadam. Pah, sagrysyna bir käse süýt goýlan Gyratyň bar-da.
– Arada biri ony tankydam-a eden eken.
– Kimi? – diýip, ýaşuly aňk-taňk boldy.
– Şol seň diýýän şahyryňy.
– O nämüçin?
– Aý, öňki ýolbaşçylary öwdi-zat diýip.
– Äý, öwse-öwendir. Şahyram adamdyr-a. «Meni öw» diýip dursalar, nätsin. Şahyryň ýüregi ýuka bolýa diýýärler. Onsoňam, ýolbaşçy diýýäniň, meselem, meniň ýa seniň öwenim-döwenim bilen äwip-säwip durmaz, emma şahyryň öwgüsini ýa döwgüsini welin ýaman gabanmaly olar… Men näme diýip otyrdym ýaňy?
– Tankyt diýdiňmi?
– Howwa, onsoň bir gezek bir atly tankytçynam mündirdim şuňa. Daş gulakdan gürrüňini eşidip, aý ynha, bäş deşigi bir ýere gelip duran, agzyndan dagy ýalyn çabraýan, Nedir şa ýaly birimikä öýdüp ýördüm welin, özüm ýaly ýuwaş, gowy adam eken-laý. Ýöne kellesi gaty ullakan eken, düňderilip goýlan sadaka gazany ýaly. Ýazyjylaram diýýän, şuň nämesinden gorkuşyp ýörlerkä diýýän. Şu bedrüstem kellesinden gorkaýmasaň… Äý, soňam, meň ýanymda ýuwaş ýaly bolup, ýazyjy görende gazaba

münüberýän bolmagam mümkin…
Başga-başga hyýallaryň gujagynda gezip ýören ýigit ýene maşynyň bir tigrine depip goýberdi. Maşyn janawar tisginip gitdi. Ýaşulam gürrüňini tapba kesdi. Indi ýigit sözlär boldy:
– Biziň obada-da bir wäşi ýaşuly bardy, özüň ýaly. Maşynam bardy seňki ýaly. Şoň gürrüňi ýadyma düşäýdi. «Ýigit wagtymyz birini bir çete äkitsek, ýolboýy «Razy bolarmyka-bolmazmyka?» diýip alada ederdik» diýýä, «Soň-soň birini şeýdip çete äkitseň welin, diňe «Bolarmyka-bolmazmyka?» diýip alada eder ekeniň» diýýä.
– Hä-ä… dogrudyr, dogrudyr. Ýaşulyň içinde-de her jüresi bardyr. Ýaşulylygam kyn zat däl eken, inim. Ölmän ýaşaberseň – ýaşaberseň, ýaşulam bolnaýýan eken. Altmyşa, ýetmişe, segsene adamyň özi ýetip biler, ýöne onuň güýji , akyly şoňa ýetjekmi-ýetmejekmi – ana, gep şonda.
– Agam, özüň-ä obada ýaşaýan bolara çemeliň?
Bu ýigidiň duýdansyz sowal berme gylygyna hiç öwrenişip bilmedik ýaşuly ýene kürtdürdi. «Äl-aýt, inim, sülçi bolaýmaly ekeniň. Islendik adamyň gaharyny getiribem aýtdyrardyň eden jenaýatyny».
– Howwa, obadandyrys, inim.
– Ot çekdiňmi?
– Nirä?
– Şu maşynda ot çekdiňmi diýýän.
– Äý… ýok-la. Eşegaraba bar-how öýde.
– Kireý etdiňmi?
– Ä? Kireými? Bir gezeg-ä çykyp gördüm-aý. Şähere geldim welin, görsem, benzin gutaryp barýar. Ýanymda benzin pulumam ýok. «Äý, gel, iliň edýänini edip göreýin-le, syrçasy synaýmaz-la şuň bir gezekde» diýdim. Biri elini galdyryp dur. Durdum. Görsem, öz goňşym Öwwi pýan… Äý, hudaý ýoluna diýip, muny barmaly ýerine – piwohana taşladym.Ýene biriduşdy. Münenden «Agam, saglykm-ow? Bi nä, ýitirim bolaýdyň-la-how? Gelnejem dagam sag-gurgunmy-how?» diýip, içime-daşyma geçip barýa.
«Beh, bi nä, şagalyň gününe düşäýdiň-le-how?!» diýýän menem öz-özüme. Şagal janawar «Meni hemmeler tanaýar welin, men hiç

kimem tanamok» diýip zeýrenýämiş. Şodurda-şodur…
– On ikiň näçesi ogul?
– O nähili näçesi?
– Näçe ogluň bar diýýän.
– Alty-ýed-ä bar.
– Bo-how. Ogullaryň münýämidi maşyny?
– Menden başgasy gadamyny ardan däldir. Senem başga ele beräýmegin. Amanada…
– Gelnalja gidip gördüňmi, agam?
«Beh, bi nä bela bold-aý? Men maşyn satýana däl-de, muň gapysyndan dilegçilige ýa gudaçylyga gelene döndüm-ä. Muň ýaly alyja sataşandan, şu uly bazaryň ortasynda içagra uçranyň gowy dälmidir? Başga biri bolsa, «Han ogul, aljak bolsaň-a, ynha, maşyn, ýogsa-da, anha, şaýol» diýerdi welin. Gel, menem şony diýeýin-le şuňa! Ýa soňrak diýsemmikäm? Şuň nireden çykjagyny göräýsemmikäm? Äý, muny gürledip otursaň, «Prawaň barmy?» diýibem sorar entegräk».
Ýaşuly birden elini goltuk jübüsine urdy. Jübüsinde dokumentleriniň hem bäş-on sany lotereýiniň sag-aman ýatanyna göz ýetirip, ynjaldy.
– Şuň prawa diýibem bir zady bardyr, inim. Gaty sypjyk zatdyr. Meň özümem eýýäm iki gezek dagy giderip gördüm. Bir gün magazinde bir zadyň-a nobatyna durdum. Çyksam, ýaňky jübim boş. Inim şümläp gitdi. Jübülerimi pat-pat etdirip, kakynjyrap durun welin, biri «Näme, ýaşuly, bir zat ýitirdiňmi?» diýýär. Seretsem, sary getiren ýaly bolup, bedýakym, betnyşan biri ýüzüme jikjerip dur. «Howwa, prawany ýitirdik» diýdim. «Mojyt, öýde galandyr?». «Aý, ýok, ýaňyja-da bardy» diýýän. «Prawaňy tapyp bersem, näme berjek sen?» diýýä. Bada-bat aňdym ýaňkyň ogurlanyny. Ýöne näme, «Tap prawany!» diýip ýakasyndan ebşitläp tutaýaňda-da, ýaňkyň ýanyndan zat çykmajagy belli. Bada-bat yzyny gömmese, ondan ogry bolarmy. «Näme bereýin?» diýdim. «Iki ýüz manat». Muny gaýtadan okap aljagam bolsam, şonça çykjak. Azabyňam öz garnyňa. «Äý, dawaý!» diýidm. Ýaňky, pulumy aldy-da, beýlesine bakyp, bir ümledi, bir türkmen oglan ylgap geldi, eý, seniň adyňa hem tohumyňa hem tijiňe… elinde-de meň prawam.

Ýigit heziller edip güldi:
– Gelnejem zat diýmedimi?
– Gelnejeň ýanynda-da, näme, Ependi bolan bolduk, «Aý, şu gün magazinde bir prawa alnyşyk boldy, bir prawa alnyşyk boldy…»
– Ynandymy?
– Ynanarm-aý? Äý, ynansa-ynansyn, ynanmasa-özi bilsin. Gelnejeň işi haýyr-la, ýöne, ynha, milise tutsa, şony ynandyrma kyn.
– O-da tutdumy?
– Ýaman tutdy. Bir gezek ýarygijeräk toýdan geldim. O wagtlar elli gram-zat ýelmäýmämem bardy, günä-de bolsa. Howwa, gelsem, ejeleri ot-elek, iň körpejämizem iňläp ýatyr. Menem çarp urýan welin, obaň dogtorynam ýer ýuwdupdyr şo wagt. Onsoň ejesinem, oglumam maşyna ýükläp, basdym şähere, Hudaýy çagyryp. Görsem, köçäň gyrasynda dur-da biri, papagynyň pisini aşyryp, taýagyny somaldyp. Durmaýynam diýdim-de, ýene yzymdan atarmy-nädermi diýip, durdum. «Ýaşuly, bir-ä gaty sürýäň, soňam içipsiň» diýýä. «Howwa, içdim, ýöne ýagdaý şeýle-şeýle» diýdim. «Onda, anha, balnysa-ha geldiň, şo duran ak jaý, gelnejem çagany alyp barybersin, sen bolsa düş maşyndan» diýýä. «Geregiň prawa bolsa, al!» diýýän welin, ýok, budkasyndan bir zat çykaryp, üfleden boldy, bir zatlar ýazan boldy, bir ýerlere gol çekdiren boldy. Soňam «Ýaşuly, maşyn dursun!» diýýä. O wagt maşyn göze ilýärmi – zat göze ilýärmi. «Al-aý, ataň aşyna ýarasyn» diýdim, körpänem gujagyma aldym-da, «Ýör, heleý!» diýdim. Garaz, şeýdip, neressejigimi eltdik balnysa welin, eýýäm iş-işden geçen eken. O ýerde-de bir topar kagyz doldurdylar-da, körpämiziň daşyny dolap, elimize berdiler. Gelýän jesetjigini göterip, heleý yzyma zordan eýerýär. Hälki ýere gelsem, ýaňky dur-da öňki duran ýerinde. Ýagdaýy aňdy öýdýän, birhili götinjekläp ugrady. Heleýiň eline çagany tutdyrdym-da, «Dur, namartaý!» diýdim. Eýýäm urjagymy nirden aňypdyr ýa-da öňem birki gezek urlup görüpmi, garaz, «Ýaşuly, ýaşuly, men formada, men postda» diýip samraýar. Menem ed-dil alkymyň aşagydyr-da diýip, sugşuryp bir goýberdim welin, kellesindäki papagy bir ýana, jürlewügem bir ýaňa zyňlyp gitdi. «Hany, indi pormyň?» diýýän, «Pagonym bar, pagonym»

diýýä. «Häk, seniň pagonyň bilen…» diýip, gaýtadan topuldym welin, budkasyna tarap gaçyberdi. Budka girse, tilpun bilen aljagyny bilip durun. Iki bökende ýoluny kesdim. Ol gaçdy – men kowdum. Aý, bir salym karusil-karusil oýnadyg-a budkaň daşynda. Ýeriň giňinde ýaka ýa bil tutuşsa, ýaş ýigitdir-da, alaýmagam mümkin welin,o wagt men aldyrmaýan, sebäp, meň arkamda gahar bar, onda ol ýok.
Heleý ara düşdi, gaýtdyk maşyna münüp. Ertesi gonamçylykdan gelnip, gelen-giden saýpalladam welin, göni gitdim şähere, ýaňkyň neçelniginiň ýanyna. Boluş-bolşy ýaly aýtdym. Derrew knopkany basdy: «Öten agşam pylan postda kim durdy?» «Seržant Pylanyýew». «Häzir tapyň». Geldi ýaňky. Neçelniginiň ýanynda dim-dik bolup dur. Maňa seredenogam. «Seržant Pylanyýew, öten agşam näm boldy?» «Aý, şu ýaşuly meni urdy, özem içgili». «Gujagynda näme bardy?». Dymýar. «Ekspertizaň haty barmy?» «Ýok». «Seni uranyny gören şaýat barmy?». «Şu ýaşulyň aýaly şaýat». Haý, samsyk namartaý, gel-gel, indi meň aýalym saňa şaýat bormy? «Çagaň şo ýagdaýyny aýdan bolsalar, senem gören bolsaň, özüň gujagyňa alyp ylgasaň bolmadymy?» «Men postda durdum, ýoldaş neçelnik». «Indi durmarsyň! – diýdi neçelnigem – Ýaşulyň prawasam şu gün elinde bolsun. Bar!» diýdi. Ynan, inim, körpe ogluň jesedini göterende, ony gara ýere duwlanda çydan adam, şunda çydamadym. Neçelnige sag bol diýjek bolýan, içigar, bokurdak dolup dur-da. «Ýaşuly, arkaýyn bol, prawaňy bererler. Ojagazam näme, bolmandyr, öwez ogluny bersin» diýýä o-da. «Oňa-muňa arz edibem ýörme, özüm almytyny bererin» diýýä.
– Elbetde, şondan gorkandyrlar. Arz eden bolsaň, neçelniginiňem – ikisiniňem almytyny bererdiler. Ýöne senem aýap goýmazdylar – diýip, ýigit dillendi.
Ýaşuly uludan demini aldy:
– Äý, howwa-da…
– Bä-ä-äý, aý, garaz, bu maşyn saňa görgi baryny görkezen eken-ow. Muny satyp dynandan gowusy ýok, agam!
– Ýok, inim, görgi görkezen bu görgüli däl-de, ine, şu, şu! – Ýaşuly süýem barmagyny maňlaýyna kinolarda nagan direlýän ýere dürtdi – Bar günä, ine, şunda! Şu heleýlemese, maşyn janawar

namartlanok-la… Be, o kim-aý?
Maşynyň yz tarapyndan eglip-galyp duran pyýadany ýigidem häzir gördi. Howsala düşdi:
– E-eý, näme işleýäň-eý o taýda?
Ýaňky pyýada ýyljyraklap, bularyň ýanyna geldi-de, ýigide ýüzlendi:
– Maşyn-a erbedem däl eken, daşyndan göräýmäge. Ýöne ýag-a iýýär, gluşitiliň agzy ýagjaryp dur. Näme, satjak bolýaňmy muny?
– Maşyn eýýäm satyldy – diýip, ýigit dillendi.
– Näçe?
– Bäşe! – diýip ýaşuly söze goşuldy.
Ýaňky pyýada maşynyň daşyndan ýene bir aýlandy, içine jyklap seretdi, kapotyny galdyryp gördi-de, birdenem:
– Men bäş ikini berýän! – diýdi.
Ýaşulydyr ýigit ikisi aljyrap, bir-biriniň ýüzüne seredişdiler. «Agam, bir zat diý-dä!» diýip, ýigidiň gözleri ýalbardy.
– Ühüm, aý, indi giç, gardaş. Söwda bolsa edildi, el bolsa basyşyldy. Söwdaň arasyna düşmek, söwdany gaýtarmak günä bormuşdyk.
– Aý, bolýa-da, diýmedigimiz eken – diýip, ýaňky pyýada duýdansyz gelşi ýaly, duýdansyzam ýitirim boldy.
Ýaşuly ýene bir gezek miliseden sypan ýaly, maňlaýynyň derini çalyp, uludan dem aldy.
– Beh, her hil-ger jüre adam bar-ow. Aly-y-yp barýa…
– Agam, dogrujaňy aýt – diýip, ýigit hälki pyýadanyň giden ugruna seredip durşuna dillendi – Ýaňky seň öz adamyň-a däldir?
Ýaşuly birsalym agzyny öwweldip durdy-da, kynlyk bilen ýuwdundy:
– Inim, sen obaňy, tiräňi bir aýtsana maňa?
– O nämä gerek? – diýip, ýigidem geňirgendi.
– Äý, maňa-hageregi ýok. Ýöne biziň golaýymyzda bir oba bar. Obamy, tiremi. «Müňkürler» diýýärler. Howa bulaşyberse-de, bir-birinden görýärler.
– Tutuş bir oba müňkür bolup bilmez, agam.

– Näme bolman! Gerek bolsa, giden bir millet, giden bir ýurdam müňkür bolup biler. Är – heleýe, heleý – äre, ogul – ata, ata – ogla, goňşy – goňşa, köçe-köçä müňkür bolup başlasa, ýurduňam şeýle bor-da. Seni bilemok, meniň bilen-ä şu dünýäde müňkür boluşmaýan ýeke jandar bar – o-da, ynha, şu maşyn janawar. Men bir ýere şaýlansam, atlansam, bu görgüli bilýä ýöne ýere däldigini. «Eýlemi-beýlemi?» diýip duranok. Bu bedibagt bir näsazlyk tapynsa, ot almasa, gowy ýöremese – menem bilýän ýaltalykdan etmeýänini. Emma şu wagt men ýaraman, öýde iki-üç gün düşekli ýatsam, heleýiň azyndan iki-üç müň gürrüň tapjagy anyk, hemmesem towlujadyr. Elibilen-ä arkaňy owkalaýandyr, dili bilenem ýüregiňi. Ýa-da şu wagt şu maşyny elli bäşe satagada, öýe barsam, uly oglum «Kaka, iller muň ýaly maşyny elli ýedä satýar» diýer.
– Ýaşuly, biz esasy gürrüňden birneme daşlaşaýdyk öýdýän.
Ýaşuludyr ýigit ikisi bir biriniň ýüzüne dikarynlaşyp, biraz durdular.
«Satarmyka – satmazmyka?»
«Alarmyka – almazmyka?»
«Dörde dagy soraýsam näderkä?»
«Dört ýarym diýeýin-le. Çört isnim…»
«Dört iki diýse-hä, bolýaram, bar, dört üç diýsin. Ondan ýokara ýagdaý ýok. Entegem deň ýarysyny karza geçmeli. Aý, karz hiç-le. «Karz et-de öýlen, karz üzüler – aýal özüňe galar» diýipdirler.
«Eger alsa, şu wagtam münüp gitjek diýse… Menem öýe golaýlat diýmeli bor-da. Ýa pyýada gidibermeli bormuka? Eý, Alla! Häý, janawar…»
«Häzir ýanymda baryny bersem, galanynam dokumentleri düzedenden soň diýmeli bor. Kiçi daýym karz gerek bolsa geläýgin-ä diýipdi».
«Ýa, Allajanlarym, gyssanmasammykam? Toýa-da birki hepde-hä bar. Oňa çenli, belki, hudaý ýetirer bir ýerden. Ynha, şu lotereýler utup duruberse birden… Bilip bolmaz. Garybyňkam ömründe bir gezek çüwmelidir-ä».
… Şondan soň bir hepde geçenmiş-dä. Ýaşuly irden turup, geýnip, öňki endik eden gapysyny çekýär. Maşynyň ýatagy boş

haňlap ýatyrmyş. Soň ol başga bir gapyny kakýar:
– Inim, men-ä maşyny äkidäýsem diýýän. Ynha, dört ýarymyň. Köpükme-köpük.
– Aý, ýok, agam, indi giç. Söwdany gaýtarmak günädir – diýip, ýigit, ýylgyrdy.
– Onda, ynha, saňa ýene bir ýüz manat. Bir hepde maşyny saklap bereniň üçin…
– Ýok, agam, bäş müň diýseňem, maşyn berlenok. Söwdalaşdykmy – gutardy.
…Ýaşuly birhili üşeýän ýaly, galpyldap ugrady. Pikirden aýňalyp, töweregine seretse, öz-ä entek satýançy, ýigidem alýançy. Maşyn öňki ýerinde. Boýnuny burup, delmuryp dur. Ýaşuly maşyna tarap ýöneldi, mündi-de, gapyny ýapdy. Onuň galpyldysy maşynyň süňňüne-de geçdi. Yzýanyndan ýigit aýnany tyrkyldatdy:
– A-how, agam, nätdiň-aý?! Satýaňmy – sataňok?
– Ýok, maşyn satylanok, inim.
– Bolýa, dört alty!
– Ýok, bäş berseňem, satylanok.
– Häý, ýaşuly, sen-ä…
Ýigit bir zatlar hüňürdäp, gyra saýlandy. Aňyrrak baransoň, ýene gaňrylyp seretdi. Garry maşyndyr garry eýesi – ikisi bir-birine ýapyşyp, ýapyrylyşyp, galpyldaşyp otyrlar.

Kömek Kulyýew. Hekaýalar